# Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy okuwa kabul edýär

2024-2025-nji okuw ýyly üçin magistr bilim maksatnamasy boýunça taýýarlygyň aşakdaky ugurlaryna talyplyga kabul edýär:

1. **Bilim we pedagogika** (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugry: ylym we bilim işlerini dolandyrmak).
2. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (taýýarlygyň ugurlary: sanly dolandyryş; döwlet dolandyryşy; işgärleri dolandyrmak).
3. **Hukuk işi** (taýýarlygyň ugurlary: konstitusiýa hukugy; adminstratiw hukugy).

Okuwlar türkmen dilinde geçilýär we tölegli esasda alnyp barylýar.

Akademiýa taýýarlygyň «Ylym we bilim işlerini dolandyrmak» ugry boýunça ylym we bilim çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Sanly dolandyryş» ugry boýunça kompýuter tehnologiýalary çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Döwlet dolandyryşy» we «Işgärleri dolandyrmak» ugurlary boýunça ykdysadyýet we dolandyryş çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Konstitusiýa hukugy» we «Administratiw hukugy» ugurlary boýunça hukuk çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Resmi iş kagyzlary Aşgabat şäherinde 2024-nji ýylyň 15 — 28-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— ýokary bilim baradaky resminamanyň we goşundysynyň asyl nusgalary (daşary ýurt döwletinde berlen ýokary bilim hakyndaky resminama onuň Türkmenistanda ykrar edilendigi baradaky şahadatnamasy goşulýar);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3×4 sm ölçegdäki sekiz sany foto surat;

Все права защищены

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— magistr maksatnamasy boýunça okuwa girmegiň maksadynyň beýany (beýan türkmen dilinde ýazylmaly we 500 sözden köp bolmaly däl).

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwä hatyny.

Akademiýanyň resminamalary kabul edýän iş topary zerur bolan ýagdaýynda dalaşgärden goşmaça maglumatlary sorap biler. Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek akademiýada (Aşgabat ş.) 2024-nji ýylyň 29 — 31-nji iýuly aralygynda geçirilýär.

Giriş synaglary ýokary bilimiň okuw maksatnamasy esasynda şu aşakdaky dersler boýunça döwlet dilinde geçirilýär:

taýýarlygyň ugry: **«Ylym we bilim işlerini dolandyrmak»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Sanly dolandyryş»** — kompýuter sowatlylygy, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Döwlet dolandyryşy»**— jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Işgärleri dolandyrmak»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Konstitusiýa hukugy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Administratiw hukugy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary,

Все права защищены

Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

Bellenilen wagtda giriş synagyna esassyz sebäplere görä gelmediklere goşmaça mümkinçilik berilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça magistr maksatnamasyna talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan saýlan taýýarlygynyň ugry boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar peýdalanýarlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň salgysy: Aşgabat şäheri, Görogly köçesi, 88. tel.:39-37-17,39-37-09.

Şeýle hem şu salgylardan hem okap bilersiňiz:
https://dga.edu.tm/index.php/tk/headers/magistrleri-tayyarlamak-okuwlary
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň resmi web saýty (dga.edu.tm)

Все права защищены

save pdf date >>> 25.11.2024